# Kommunistler gaýdyp gelýär

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kommunistler gaýdyp gelýär KOMMUNISTLER GAÝDYP GELÝÄR




*Kreml barha güýçlenýän Kommunistik partiýany paltalamaga synanyşaýsa, sosial partlama howpuny artdyrar. Olara basyş etmese-de, seresap bolmaly güýje öwrülip biler.*
*Surat: Sankt-Peterburgda Beýik Watançylyk uruşynda wepat bolanlaryñ hatyralanýan wagty*
Bir ýyl mundan öñ işleýän ýerim bolan Amerikan uniwersitetinden bir aýlyk otpuskamy alyp, dogduk depäm Moskwa gitdim. Aýak basan ýerim söz azatlygynyñ nusgasy hasap edip boljak ýer-ä däl, ýöne şonda-da belli bir derejede azatlyk bar hasap etse boljakdy. Oppozisiýanyñ ýolbaşçysy Alekseý Nawalnyý ýurdy aýlanýardy we Kremliñ oýunjagyna öwrülmedik syýasatçylar üçjn halkdan goldaw almaga synanyşýardy. Köpçülikleýin halk çykyşlary guralýardy. Garaşsyz raýat-jemgyýetçilik guramalary

işlerini dowam etdirýärdi. Žurnalistleriň we syýasy analitikleriň hemmesi Kreml bilen bir hatarda duranokdy. Kommunistik partiýa birnäçelerine geçmişde galan ýatlama ýaly bolup görünýärdi. Şol günden bäri Nawalnyý türmä salyndy, onuň başyny çekýän protest demonstrasiýalary basyp ýatyryldy. Nawalnynyň guran korrupsiýa garşy göreş fondh «ekstremizmde» aýyplanyp, kanuna garşy iş alyp barýan fond hasaplandy, fonduň agzalarynyň garşysyna ýa derňew işi gozgaldy ýa sürgüne ugradyldy. Her gün diýen ýaly bir žurnalist, mediýa organy, adam hukuklaryny goraýjy ýa-da garaşsyz gurama ýa-ha «daşary ýurduň içalysy» ýa-da has beteri «ýurtda islenmeýän adam» ýa bolmasa gurama yglan edilýär. Soňky bir ýylda Russiýanyň azatlyk ulgamynyň daşyna çykmagy çaltlandy, emma munuň özi aslynda elmydama bolaýmaly ähtimallykdy. Mysal üçin, «daşary ýurduň içalysy» aýyplamalaryny mümkin kylan kanun 2012-nji ýylda güýje giripdi, maksat ýurduň daşyndan pul goldawyny alyp «syýasy iş alyp barýan» guramalaryň we adamlaryň el-aýagyny baglamakdy we güýçden gaçyrmakdy. Emma kanunyň ýerine ýetirilişi gitdigiçe baş-başdaklaşdy, häzir ýönekeýje «retweet» hem «daşary ýurduň içalysy» tagmasyny almagyňyz üçin ýeterlik sebäp bolup bilýär. («Ýurtda islenmeýän adam» bolanyňyzda bolsa, doly bikanun adama öwrülýärsiňiz). Diňe şu ýyl «daşary ýurtly içalylaryň» sanawyna 101 täze adamyň ýa-da guramanyň ady girizilip, bu boýunça rekord täzelendi. Sanawdaky jemi 359 adamyň 88-i mediýa bilen baglanyşykly adamlar we guramalar. Rus hökümetiniň pikiriçe bu «içalylaryň» sanawda ýer almagy gerek, sebäbi olar «döwlet syýasaty boýunça täsirli güýje eýe». Elbetde, syýasata täsiriňi ýetirmek žurnalistligiň hem-de ideologlygyň esasy maksatlarynyň biri. Mesele-de şunda: Prezident Putin az wagtyň içinde rus syýasatyny aýasyna aljak pozisiýa ýerleşenem bolsa, tankydy häzirem ekstensial howp hökmünde görýär. Şular ýaly ähli basyp ýatyrmalaryň we zulumyň ortasynda ýan bermedik Kommunistik partiýa Kremliň ýeke-täk bäsdeşine öwrüldi. Köp derejede Nawalnynyň – saýlawçylary Kdeml tarapyndan goldanan kandidaty geçme ähtimallygy iň ýokary adama ses bermäge çagyran – «akylly ses» strategiýasy arkaly kommunistler geçen aýdaky

umumy we ýerli saýlawlarda gowy netije gazandylar. Resmi görkezijiler Kommunistik partiýanyň Duma saýlawlarynda 18,9%, Kremliň «Единая Россия» partiýasynyň bolsa 49,8% ses alandygyny aýdýar. Emma kommunistler netijeleri hasap etmedi. Olar saýlawlarda galplyk edilýändigini öňe sürýär. Hakykatdanam, käbir hünärmenler olaryň 30%, «Единая Россия»-nyň bolsa 35% töweregi ses alan bolmalydygyny çaklaýar.




- **Putinden has "sylagly"**

Görnüşine seretseň, edil häzir köp sanly rus üçin kommunistleriň Putinden hormat-sylagy has uly. Ýöne ol birmahalky Kommunistik partiýa däl. Dünýewi keýpi-sapalardan daşda durmak bilen hiç hili ýakynlygy ýok partiýa agzalaryny indi sütük paltoly, daşary ýurtlara syýahat edýän, daşary ýurt awtoulaglaryny münýäm, sosial mediýany ulanýan ýagdaýda görüp

bolýar. Olaryň arasynda indi ekerançylykdan jogapkär karizmatiki (we geçen aýdaky saýlawda kandidaturasy gadagan edilen) Pawel Grudinin ýaly millionerler bar. Partiýanyň başynda şindizem ýetmiş ýedi ýaşly goja Gennadiý Zýuganow otyr, emma ýaş partiýalylaryň goldawy we kesgitleýji güýji barha artýar.
Nikolaý Bondarenkonyň üstünde durup geçeliň. «Gyzyl Nawalnyý» lakamly 36 ýaşly Bondarenko 2018-nji ýyldaky wagtlaýyn pensiýa reformasyny gazaply tankyt edipdi. Soňra ministrleriň biri ruslaryň aýda 3 müň 500 rubla (50 dollar) «gowy eklenip» bilýändigini aýdanda, Bondarenko onuň ýalňyşýandygyny görkezmek üçin «YouTube» kanalynda subutnamalar görkezip çykyş etdi. Bondarenko saýlawlara gatnaşmakdan gadagan ediljekdigi barada atylýan haýbatlara garamazdan, geçen aýdaky parlament saýlawynda kandidaturasyny goýup bildi. Nawalnynyň «akylly ses» sistemasyndan alýan goldawyna garşylyklaýyn «Единая Россия» partiýasynyň kandidatyndan ýeňildi. Emma onuň mümkinçiligini äsgermezlik eder ýaly däl: Ýakynda ol ýene protest demonstrasiýasynyň başynda göze ildi we «Единая Россия»-ny «döwleti we hökümeti basyp almakda» aýyplady.
Birem 43 ýaşly Anastasiýa Udalsowa bar. Olam Bondarenko ýaly soňky saýlawda garaşylmadyk ýagdaýda ýeňildi. Emma onuň meşhurlygy dowam edýär, hatda artýar. Ösüp barýan ýene bir syýasatçy Ýekaterina Engaliçewa bolsa «akylly ses berişlik» arkaly 2019-njy ýylda Moskwa şäheriniň Mejlisine girdi.




- **“Ýeke-täk adam” tankydy**

Kommunistik partiýanyň häzirkizaman görnüşiniň geçmişe bolan küýsegi ýaňzydýandygy nähili ironiýa: 1917-nji ýylda Leniniň bolşewikleri gazaply ýaly bolup görünse-de merhemetli we akylly-başly döwlet tarapyndan üpjün ediljek adalaty we deňligi wada berýärdi. Üstesine edil Nawalnyý ýaly häziriň kommunistleri-de halkyň «ýeke-täk adamyň» ynjyk hüý-häsiýetlerine tabyn edilmeli däldigi baradaky öňdengörüjilikli we durnukly syýasaty hödürleýär. Kremliň ähli garşydaşlarynyň gitdigiçe güýçlerini birleşdirmegi-de ýene şol mantyga goldanýar: Putiniň «Единая Россия»-sy bilen gidişip biljek hakyky «Bitewi Russiýa» şu. Şeýle çemeleşme Russiýa mahsus däl. Çehiýa Respublikasyndaky soňky parlament saýlawlarynda «Çehleriň Trampy» diýlibem tanalan Andreý Babiş oppozision toparlaryň dürli-dürlüliklerini bir gyra zyňyp «Bilelikdelik koalisiýasyna» ýeňildi we premýer-ministrligi elden giderdi. Koalisiýanyň ýolbaşçysy Pýotr Fiala başga bir oppozision

koalisiýa bilen birlikde täze hökümetiñ başyna geçjege meñzeýär. Fialanyñam aýdyşy ýaly, «halk populist liderden bizar bolupdy» we «adaty, akylly-başly, oñyn syýasy ugurlaryñ» ýöredilmegini isleýärdi.
Wengeriýada hem oppizisiýa öñümizdäki ýyl geçiriljek umumy saýlawlara ýeke-täk premýer ministr kandidaty we ýeke-täk sanaw bilen girmäge taýýarlanýar. Elbetde, Çehiýa respublikasynda entek demokratiýa bar, ýagny Babiş oppozisiýanyñ hataryna geçmegiñ taýýarlygyny görýär. Putini kürsüsinden düşürmek bolsa beter kyn bolar. Sebäp Kommunistik partiýany çökertmäge synanyşýan has berk çärelere garaşyp bolar. Emma beýle çemeleşmeler Kreml üçinem howply. Prezident Putin rus demokratiýasynyñ «ölmändigini» öñe sürýär we muña delil hökmünde ýurtdaky «janly oppozisiýany» görkezýär. Diýmek, Russiýany totalitarlyga tarap alyp gitmezligi, iñ bolmanda alyp gitmeýän ýaly bolup görünmegi öz bähbidine saz hasaplaýar. Putiniñ bar aladasynyñ durnuklylykdygyny aýdýar. Emma Putiniñ režimi Russiýany gitdigiçe durnuksyzlaşdyrýar. Kreml edil Russiýadaky liberallara garşy edişi ýaly, kada-kanuny öz islegine görä ulanyp, barha güýçlenýän Kommunistik partiýany paltalamaga synanyşaýsa, sosial partlama howpuny artdyrar. Olara basyş etmese-de, seresap bolmaly güýje öwrülip biler.



Nina HRUŞÝOWA.
«OKSIJEN» gazeti, 29.10.2021 ý.

© Project Syndicate. Publisistika